**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky №96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-suw "Suwuň ulanylyşy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. Senagat, gurluşyk, ulag, oba hojalygy we beýleki kärhanalar, guramalar we edaralar (soňra – "suwdan peýdalanyjylar") tarapyndan peýdalanylan suw kimiň garamagyndalygyna, suw üpjünçilik çeşmesine we hapa suwy kabul edijilere garamazdan döwlet tarapyndan hasaba alynmaga degişlidir.

Suw howdanlarynyň akwatoriýalarynda gurluşyk, düýbüni çuňlaşdyryjy, partlaýyş, buraw, geologiýa-gözleg işleriniň, şeýle hem peýdaly magdanlary gazyp almak, geçiriji turbalary, kabelleri we beýlekileri geçirmek suwdan peýdalanmak hasaplanylmaýar.

1.2. Suwdan peýdalanylmagy döwlet tarapyndan hasaba alynmaga degişli bolan suwdan peýdalanyjylaryň sanawy Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň ýerli edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýerli edaralary bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan (goşunda seret) suwdan peýdalanylyşy hakynda döwlet hasabaty we meýilnamalaşdyryş bilen gurşalyp alnyşyň ölçeglerine laýyklykda kesgitlenilýär. Görkezilen sanaw Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýerli edaralary bilen (ýer üsti suwlar böleginde) we "Türkmengeologiýa" DK bilen (ýer asty suwlar böleginde) ylalaşylýar.

1.3. Sanawa goşulan ähli suwdan peýdalanyjylar hasabat ýylynyň 10-njy ýanwaryndan gijä galman Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň suwdan peýdalanylyşyny hasaba almaklygy amala aşyrýan ýerli edaralaryna we Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligine ýerli edaralaryna suwdan peýdalanylyşy barada №1-suw forma boýunça hasabat bermäge borçlydyr. Bu edaralar bilen ylalaşylan hasabatlar suwdan peýdalanyjylar tarapyndan özünden ýokarda durýan edarasyna, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň ýerli edarasyna, suwdan peýdalanyjylaryň ýerleşýän ýeri boýunça statistika edarasyna, suw ýygnananda ýa-da hapa suwlar ýerasty suwly gatlaklara guýlanda, bulardan başga-da, "Türkmengeologiýa" DK ýerli geologiýa edarasyna tabşyrylýar.

1.4. Hasabatlar Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti tarapyndan Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, "Türkmengeologiýa" DK bilen ylalaşyp tassyklanan suwdan peýdalanylyşy boýunça ilkinji hasaba alyş resminamasynyň esasynda düzülýär (POD - 11, POD - 12, POD – 13 formalar).

1.5. №1-suw forma takyk, düşnükli doldurylmaly (galam bilen doldurylmagyna ýol berilmeýär). Hasabatyň käbir görkezijileri ýok bolsa, ýagny nola deň bolsa, çyzyk goýulýar.

Eger №1-suw formanyň tablisalarynyň haýsy hem bolsa bir tablisasynda setirleriň sany ýeterlikli däl bolsa, onda blankalaryň zerur bolan möçberi goşmaça doldurylýar: şonda salgylaýyn formanyň kodlary her bir blankada şol bir kod görkezilmeli we blankanyň tertip belgisi goýulmaly.

1.6. Berlen hasabatda ýalňyşlyk tapylan ýagdaýynda suwdan peýdalanyjy tarapyndan täze hasabat düzülmeli we Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň we Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýerli edaralary tarapyndan ylalaşylandan soň zerur bolan düşündirişler bilen haýal etmän degişli salgylara iberilýär.

## SUWDAN PEÝDALANMAGYŇ AÝRATYN GÖRNÜŞLERINI HASABA ALMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

2.1. Gidroulgamlar boýunça hasabatlar düzülende №1-suw formada diňe önümçilik we hojalyk-durmuş zerurlyklary üçin (ussahanalaryň, garažlaryň, ýaşalýan şäherçeleriň we girdoulgamyň balansynda duran beýleki obýektleriň) alnan suwuň möçberi görkezilýär. Elektrik energiýasyny öndürmek üçin, gämileri şlýuzdan geçirmek, balyk goýbermek, gämi çuňluklaryny saklamak, aşaky býefde arassaçylyk şertlerini üpjün etmek üçin we tebigy obýektlerde suw almak bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki zerurlyklar hasaba alynmaýar.

2.2. Doldurmak we goşmaça suw bermek üçin suw ýygnaýan we ýylylyk ulgamlaryna geçirýän ýylylyk energetika kärhanalary suwuň görkezilen möçberi üçin 1-nji bölümiň 2-14, 15, 16, 18-nji sütünlerinde hasabat berýärler. Ýylylyk ulgamlarynda aýlanýan suw hasaba alynmaga degişli däldir. Ýylylyk energetika kärhanalary tarapyndan jemagat we beýleki kärhanalara ilata gyzgyn suw üpjünçiligine berlen suwuň möçberi 1-nji bölümiň 2-14, 23, 24, 27-nji sütünlerinde görkezilýär.

2.3. Suw geçiriji we lagym dolandyryşlary (trestleri) we beýleki kärhanalar hasabat düzenlerinde 1-nji bölümde ýygnanan we alnan suwuň umumy möçberini, suw geçiriji we lagym stansiýalarynda we beýleki garamagyndaky kärhanalarda peýdalanylan suwuň möçberini, № 1-suw forma boýunça özbaşdak hasabat bermeýän ilaty we sarp edijileri sowuk we gyzgyn suw bilen üpjün etmek üçin berlen suwuň möçberini, ugradylanda suwuň ýitgilerini görkezýärler, hapalan suwlaryň möçberi we hili 2-nji bölümde görkezilýär.

Eger suw geçiriji we lagym dolandyryşlary (trestleri) we beýleki kärhanalar suwy ýygnaýan bolsa we №1-suw forma boýunça özleri hasabat berýän suwdan peýdalanyjylara berýän bolsa, onuň möçberi 1-nji bölümiň 2-14, 23, 24, 27-nji sütünlerinde görkezilýär. Suwdan peýdalanandygy üçin özbaşdak hasabat berýän suwdan peýdalanýanlaryň sanawy, suwdan peýdalanyjylary gurşap almagyň Ölçeglerine laýyklykda suwdan peýdalanyjylaryň sanawy suwdan peýdalanylyşyny hasaba almaklygy amala aşyrýan Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň ýerli edaralary tarapyndan suw geçiriji we lagym dolandyryşlaryna (trestlerine) tabşyrylýar.

2.4. Magistral kanallary ulanyş müdirlikleri 1-nji tablisada tebigy suw obýektinden magistral kanala ýygnanýan suwuň möçberini (2-14-nji süt.), suwuň hususy zerurlyklara peýdalanylyşyny (15-22-nji süt.), kanalyň hanasynda ýitgileri (27-nji süt.), suwaýryt nokatlarynda beýleki suwdan peýdalanyjylara suwuň berlişini (24-nji süt.), 2-nji bölümde magistral kanaldan suw obýektine düşýän suwy görkezýärler.

2.5. Suwaryş ulgamlary müdirlikleri (SUM) 1-nji bölümde suw obýektlerinden ýa-da magistral kanallardan (2-14-nji süt.) ýygnanan suwuň umumy möçberini, hojalygara kanallarda ýitgileri (27-nji süt.), hususy zerurlyklara peýdalanylyşyny (15-22-nji süt.), suwaýryt nokatlarynda sowhozlara berlen suw (24-nji süt.), 2-nji bölümde bolsa hojalygara akabalardan suw obýektlerine ýa-da magistral kanallara düşýän suwy görkezýärler (2-19-njy süt.).

2.6. Hojalygara ýa-da magistral kanallardan suw alýan beýleki oba hojalyk suwdan peýdalanyjylary 1-nji bölümde suwaýryt nokatlarynda SUM-dan alnan suwuň möçberi (2-14-nji süt.), arassa suwuň suwaryş üçin we beýleki hususy zerurlyklar üçin peýdalanylmagy (15-22-nji sütün), zeýakaba-zeýkeş suwlarynyň we beýleki suwlaryň SUM-a ýa-da hojalyklara geçirilmegi (23-26-njy sütün), 2-nji bölümde zeýakaba-zeýkeş suwlarynyň we beýleki suwlaryň guýulmagy (2-19-njy sütün) görkezilýär.

2.7. Tebigy suw obýektlerinden hususy suw ýygnaýjylary bolan beýleki oba hojalyk suwdan peýdalanyjylary №1-suw forma boýunça şu gollanma laýyklykda umumy tertipde tabşyrýarlar.

2.8. Suw bir suw howdanynyň suw obýektinden (suw hojalyk meýdanyndan) ýygnananda we ol peýdalanmazdan beýleki suw howdanynyň (suw hojalyk meýdanynyň) suw obýektlerine geçirilende ýygnanan suwuň möçberi 1-nji bölümiň 2-14-nji sütünlerinde we 2-nji tablisanyň 2-nji sütüninde görkezilýär. Şonda 1-nji bölümiň 23-nji sütüninde we 2-nji bölümiň D sütüninde TR (tranzit) kody goýulýar.

Guýlup doldurylýan suw howdanlaryny doldurmak üçin, kanallara goşmaça suw bermek we ýerasy suwlaryň gorlarynyň üstüni doldurmak üçin suw ýygnanda ýygnanan suwuň möçberi 1-nji bölümiň 2-14-nji we 24-nji sütünlerinde 2-nji bölűmiň 2-nji sütüninde ST koduny (suw howdanyna tranzit), 1-nji bölümiň 23-nji sütüninde TK (tranzit we kanallar) we 2-nji tablisanyň D sütüninde ÝT (ýerasty gatlaklara tranzit) goýmak bilen görkezilýär.

2.9. Suwdan peýdalanyjylary bir welaýatyň çäginde ýerleşýän birleşmeler we guramalar Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň suwdan peýdalanylyşyny hasaba almaklygy amala aşyrýan ýerli edaralary bilen ylalaşyp, tutuş birleşme (gurama) boýunça (suwdan peýdalanyjylar boýunça bölmezden) umumy hasabat tabşyryp bilýärler. Eger bu suwdan peýdalanyjylar dürli welaýatlarda ýa-da suw hojalyk meýdanlarynda ýerleşýän bolsa, olar özbaşdak hasabat tabşyrmaly.

2.10. Suw ýerasty suwly gatlaklardan ýygnanýan bolsa suwuň möçberi guýularyň möçberine garamazdan umumy görkezilýär.

2.11. Peýdaly magdanlar gazylyp alnanda we suw aýyrlanda ugurdaş suw ýygnaýan suwdan peýdalanyjylar görkezilen möçber üçin aşakdaky tertipde hasabat berýärler:

- şahta suwlary ýygnanda we olar peýdalanylmazdan suw obýektlerine guýulsa, bu suwlaryň möçberi Gollanmanyň 2.8. laýyklykda görkezilýär:
- bu suw hususy zerurlyklara peýdalanylanda we (ýa-da) suw başga suwdan peýdalanyjylara geçirilende onuň möçberi 1-nji tablisanyň degişli sütünlerinde, bu suwuň suw obýektine guýulmagy bolsa 2-nji bölümde görkezilýär;
- peýdaly magdanlar bilen ugurdaş ýygnanan gatlak suwy; hususy zerurlyklar üçin peýdalanylan we peýdalanandan soň gatlagyň basyşyny goldamak üçin yzyna nasoslap alnan suw gaýtadan peýdalanylan suw diýlip hasaplanylýar, onuň möçberleri bolsa diňe 3-nji bölümde görkezilýär (32-nji setir).

## KODLAMA

3.1. Ministrlikleriň (pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň) halk hojalygy pudaklarynyň çäkleri boýunça halk hojalygy pudaklarynyň we administratiw-çäk bölünişiginiň obýektleriniň umumy döwlet klassifikatory boýunça kesgitlenilýär.

3.2. Ýer üsti suw obýektlerini kodlamak deňizleriň, derýalaryň, kölleriň we kanallaryň suw howdanlarynyň klassifikatorynyň esasynda amala aşyrylýar.

Ýerasty suwlary kodlamak gollanmanyň 3.5. laýyklykda amala aşyrylýar.

3.3. Suw hojalyk meýdanynyň kody Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti tarapyndan tassyklanan suw hojalyk meýdanlarynyň Sanawy boýunça kesgitlenilýär.

**3.4. Suw üpjünçiligi çeşmesiniň görnüşiniň we hapa suwlary kabul edijiniň kodlary:**

| Кody | Suw üpjünçiligi çeşmesiniň we hapa suwlary kabul edijiniň görnüşi |
|---|---|
| 10 | Deňiz |
| 20 | Derýa |
| 21 | Gurap barýan derýa |
| 30 | Köl |
| 40 | Suw howdany, howuz |
| 41 | Suw guýulýan suw howdany |
| 50 | Derýadan, kölden, suw howdanyndan suw berilmegini amala aşyrýan kanal |
| 51 | 1, 2, 3 tertipdäki kanal |
| 60 | Ýerasty suwly gatlak |
| 61 | Şahta, çeşme, nebit promyseli, кarýer |
| 62 | Toprak suwlarynyň derejesini peseltmek üçin dik drenaž guýulary |
| 71 | Derýa ulgamy, deňizler, köller bilen baglanyşykly bolmadyk suwaryş ulgamlarynyň zeýakabalary |
| 72 | Ýerüsti suw obýektlerine ýetýän suwaryş ulgamlarynyň zeýakabalary |
| 80 | Suwarymly ekerançylyk meýdanlary (SEM) |
| 81 | Toplaýjylar |
| 82 | Ýeriň relýefi |

Soňy

| Kody | Suw üpjünçiligi çeşmesiniň we hapa suwlary kabul edijiniň görnüşi |
|---|---|
| 83 | Filtrasiýa meýdany |
| 90 | Suw geçiriji ulgamy halkalamak, kesgitlemek mümkin bolmadyk ýer üsti we ýerasty suwlaryň göterim düzümi |
| 91 | Lagym ulgamlary |

### 3.5. Ýygnan, alnan, geçirilen, guýlan suwuň hiliniň kategoriýasynyň kodlary:

| Kody | Ady |
|---|---|
| 1-PK | Jemagat suw geçiriji ulgamyndan alnan (ulgama geçirilen) agyz suwy |
| 1-PS | Şol ministrligiň garamagyndaky suwdan peýdalanyjydan alnan (suwdan peýdalanyja geçirilen) agyz suwy |
| 1-PД | Başga ministrligiň suwdan peýdalanyjysyndan alnan (suwdan peýdalanyja geçirilen) agyz suwy |
| 1-PO | Tebigy suw obýektlerinden ýygnanan hili boýunça agyz suwyna gabat gelýän ýa-da şeýle kategoriýa çenli arassalanan suw |
| TN | Hili boýunça agyz suwyna gabat gelmeýän ýygnanan suw |
| 1-TS | Bir ministrligiň suwdan peýdalanyjylary tarapyndan peýdalanylýan tehniki suw |
| 1-TД | Başga ministrligiň suwdan peýdalanyjysyndan alnan (suwdan peýdalanyja geçirilen) tehniki suw |
| 21-SK MKH | Jemagat lagym ulgamyndan alnan (ulgama geçirilen) hapa suw |
| 21-SS | Bir ministrligiň suwdan peýdalanyjysyndan alnan (suwdan peýdalanyja geçirilen) hapa suw |
| 21-SД | Başga ministrligiň suwdan peýdalanyjysyndan alnan (suwdan peýdalanyja geçirilen) hapa suw |
| ST | Başga kärhanalardan alnan we peýdalanmazdan şol ýeriň suw obýektlerine (relýefine) guýlan hapa suw |
| ДО | Başga welaýata geçirilýän suw |
| 21-KД | Zeýakaba-zeýkeş suwlary |
| 21-RS | Şaly ulgamlaryndan guýulýan suw |
| 21-ŞR | Peýdaly magdanlar gazylyp alnanda ugurdaş ýygnanan suw |
| 2-TR | Tranzit suw (peýdalanmazdan, arassalanmazdan ýa-da guýulmazdan geçirilen) |
| 21-BL | Ballast, lýal suw |
| DZ | Deňiz suwy |

### 3.6. 1-nji bölümde görkezilmedik peýdalanylan suwuň görnüşleriniň kodlary: Suwdan peýdalanylyşynyň görnüşleriniň klassifikatory

| Kody belgisi | Klassifikasiýa toparlarynyň ady |
|---|---|
| 01 | Liman suwarma |
| 02 | Öri meýdanlaryny suwlylandyrmak |
| 03 | Howdan balyk hojalygy |

| | |
|---|---|
| 04 | Ýerasty suwlaryň gorlarynyň üstüni doldurmak |

Soňy

| Kody belgisi | Klassifikasiýa toparlarynyň ady |
|---|---|
| 05 | Kanallarda berlen gatlaklary saklamak |
| 06 | Gatlagyň basyşyny saklamak |
| 07 | Suw guýulýan howdanlary we howuzlary doldurmak |
| 08 | Beýlekiler |

**3.7. 2-nji bölümde 9-12 sütünlerinde görkezilmedik suw obýektlerini hapalaýjy maddalaryň kodlary aşakdaky ýaly belgilenýär:**

| Kody | Jisimleriň atlary | Kody | Jisimleriň atlary |
|---|---|---|---|
| 01 | Alýuminiý | 40 | Sulfatlar |
| 02 | Umumy azot | 41 | Surma |
| 03 | Ammoniý azoty | 42 | Skipidar |
| 04 | Anilin | 43 | Tetraetilgurşun |
| 05 | Aseton | 44 | Tannin |
| 06 | Bor | 45 | Ýakymly ysly uglewodorodlar |
| 07 | Benzol | 46 | Fenollar |
| 08 | Wanadiý | 47 | Ftor |
| 09 | Wismut | 48 | Flotoreagentler |
| 10 | Gidrozin | 49 | Formaldegid |
| 11 | Gidrohinon | 50 | Umumy-fosfor |
| 12 | Dihloretan | 51 | Furfurol |
| 13 | Demir | 52 | Hloridler |
| 14 | Ýaglar | 53 | Hrom |
| 15 | Kadmiý | 54 | Sianidler |
| 16 | Kobalt | 55 | Sink |
| 17 | Ksantogenatlar | 56 | Etilenglikol |
| 18 | Kaprolaktam | | |
| 19 | Karbamid | | |
| 20 | Magniý | | |
| 21 | Marganes | | |
| 22 | Mis | | |
| 23 | Metanol | | |
| 24 | Molibden | | |
| 25 | Myşýak | | |
| 26 | Monoetanolamid | | |
| 27 | Nikel | | |
| 28 | Nitratlar | | |
| 29 | Nitritler | | |
| 30 | Galaýy | | |
| 31 | Kükürtli organiki birleşmeler | | |
| 32 | Pestisidler | | |
| 33 | Rodanidler | | |
| 34 | Simap | | |
| 35 | Gurşun | | |
| 36 | СПАВ | | |

37 Kümüş
38 Kükürtli wodorod
39 Kükürtli uglerod

## 1 BÖLÜM.
## SUWUŇ TEBIGY ÇEŞMELERDEN ALNANY, BAŞGA KÄRHANALARDAN (GURAMALARDAN) ALNAN, ULANYLANY WE BAŞGALARA BERLENI

4.1. 1-nji bölüm tebigy çeşmelerden ýygnanan, beýleki suwdan peýdalanyjylardan alnan, hasabat berýän suwdan peýdalanyjynyň peýdalanmak we (ýa-da) guýmak üçin beýleki kärhanalara geçirilen suwuň möçberini hasaba almak üçin niýetlenilýär.

1-nji bölümiň käbir sütünlerinde olaryň belgileniş tertibinde aşakdakylar görkezilýär:

4.2. A sütünde suw üpjünçiligi çeşmeleriniň ady: deňiz, derýa, köl, suw howdany, kanal, ýerasty gatlak, şeýle hem suwdan peýdalanyjy görkezilýär. Şonda her bir tebigy çeşme aýratyn setirde görkezilýär.

Bulardan başga-da, aýratyn setirde hapa (zeýakaba-zeýkeş suwlary) suwlary arassalamak (guýmak) üçin we (ýa-da) hasabat berýän kärhana (gurama) tarapyndan peýdalanmak üçin alnan suwdan peýdalanyjynyň ady görkezilýär.

4.3. B sütünde suw üpjünçiligi çeşmesiniň görnüşi 3.4. laýyklykda goýulýar.

4.4. Ç sütünde suw obýektiniň kody.

Olar suwy başga kärhananyň suw hojalyk ulgamyndan alanda geçirýän kärhananyň alan suw obýektiniň kody goýulýar. Eger kärhana birnäçe çeşmeden ýygnanan suwy geçirýän bolsa, onda suwy alýan kärhana suw obýektlerine suw ýygnanyşyny ýygnalýan suwuň möçberine proporsional degişli edýär (geçirýän kärhananyň hasabatyna laýyklykda).

4.5. D sütünde ýygnanan ýa-da alnan suwuň hiliniň kategoriýasynyň kody 3.5. laýyklykda görkezilýär.

4.6. 1-nji sütünde suw akýan ýapgydyň guýýan ýerinden ondan suw ýygnanýan ýere çenli aralyk, ýerasty suwlar ýygnananda bolsa artskwažinanyň ýerleşýän ýerine iň golaý derýanyň guýýan ýerinden kesişýän ýerine çenli aralyk görkezilýär.

Alnan suw üçin hasabat berlende 1-nji sütünde derýanyň guýýan ýerinden hasabat berýän suwdan peýdalanyjylara geçirilýän suwuň ýygnanýan ýerine çenli (ýer üsti ýa-da ýerasty çeşmeden) aralyk görkezilýär.

Gurap barýan derýalar üçin çäklerinde suw ýygnanýan ýer ýerleşen derýanyň şertli guýýan ýerinden kesişýän ýerine çenli aralyk goýulýar.

4.7. 2-nji sütünde tutuş ýyl üçin çeşmeden ýygnanan ýa-da başga suwdan peýdalanyjylardan alnan möçberi (şol sanda hapa suw hem) görkezilýär.

4.8. 3-14-nji sütünlerde aýlar boýunça ýygnanan suwuň möçberi görkezilýär. Şonda bu sütünlerdäki maglumatlaryň jemi her bir setir boýunça 2-nji sütünde görkezilen sana deň bolmaly. Bir ýylda 1 mln.$m^3$ az suw ýygnansa bu sütünler (3-14-nji) doldurylmaýar.

4.9. 15-16-njy sütünlerde hasabat berýän suwdan peýdalanyjy tarapyndan peýdalanylan suwuň bir ýylda jemi möçberi (limit we hakyky) görkezilýär. Suw sarp edilişi her bir çeşme boýunça bölünýär.

4.10. 17-22-nji sütünlerde hasabat berýän suwdan peýdalanyjynyň degişli zerurlyklaryna peýdalanylýan suwuň möçberi görkezilýär (jemi 16-njy sütüniň maglumatlaryna deň bolmaly).

17-nji sütüniň görkezijisi ilatyň we kärhanalarda, guramalarda, oba hojalygy kärhanalaryny goşmazdan, işleýänleriň hojalyk, durmuş we jemagat zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýan suwuň möçberini öz içine alýar.

18-nji sütüniň görkezijisi aýlawly suw üpjünçilik ulgamyna goşmaça suw bermek üçin gelýän arassa suwuň möçberini goşmak bilen, önümçilik (tehniki) zerurçylyklar üçin peýdalanylýan suwuň doly möçberi hasaba alynýar.

19-njy sütüniň görkezijisi oba ilatynyň hojalyk agyz suwy zerurlyklaryna, şeýle hem oba ilatynyň önümçilik (maldarçylyk toplumlary, bejeriş ussahanalary, awtoulaga we mehanizmlere tehniki hyzmat we beýlekiler) üçin peýdalanylýan suwuň möçberini görkezýär.

20-nji sütüniň görkezijisi wegatasion suwaryşy we wegetasion däl suwaryşyň ähli görnüşlerini (yzgarlandyryjy, ýuwuş we ekişden öňki suwaryş) goşmak bilen suwarymly ýerlere berlen suwuň möçberini hasaba alýar.

22-nji sütünde zerurlyklar üçin 17-20-nji sütünlerde görkezilmedik suwuň möçberi, 21-nji sütünde bolsa 3.6. laýyklykda olaryň kod belgisi goýulýar.

4.11. 24-nji sütünde peýdalanmazdan beýleki kärhanalara geçirilen suwuň möçberi görkezilýär. Şu sütünde başga kärhanalardan alnyp arassalamak üçin we (ýa-da) guýmak üçin suw obýektine geçirilen hapa suwlary goşmak bilen, tranzit suwlaryň möçberi görkezilýär (2.8.); 25-nji sütünde 3.5. laýyklykda degişli kategoriýadaky suwuň hiliniň kody görkezilýär.

4.12. 26-njy sütünde peýdalanandan soň beýleki kärhanalara geçirilen suwuň möçberi; 25-nji sütünde 3.5.b. laýyklykda geçirilen suwuň hiliniň kody görkezilýär.

4.13. 27-nji sütünde ýygnanýan ýerinden peýdalanylýan ýa-da geçirilýän ýerine çenli suw geçirilýän ulgamda filtrasiýa, bugarma, awariýa netjesinde suwuň ýitgisiniň möçberi her bir setir boýunça kesgitlenilýär we suwuň ýygnanmagy (alnyşy) bilen onuň peýdalanylyşynyň (peýdalanmazdan geçirmek) arasyndaky tapawuda deň görkezilýär – 27-nji sütün = 2-nji sütün – 16-nji sütün – 24-nji sütün.

Arassalamak we (ýa-da) guýmak üçin hapa suw alnanda ugradylanda suwuň ýitgisi kesgitlenilmeýär.

4.14. 1-nji bölümi doldurmak üçin edilýän talaplar: ýygnanan ýa-da alnan suwuň möçberi (hakyky ulanylan suwuň möçberine (16-njy sütün) + peýdalanmazdan geçirilen suwuň möçberi (24-nji sütün) + ugradylanda suwuň ýitgilerine deň bolmaly (27-nji sütün) =2-nji sütün şulara deň bolmaly.

## 2 BÖLÜM.
## SUWY SOWMAK

5.1. 2 bölümde hapa suwlary we göniden-göni ýer üsti suw obýektlerine we ýerasty gatlaklara düşýän ýa-da suwarymly ekerançylyk meýdanlaryna, källere, jarlara, ýuwundy çukurlara we relýefiň beýleki ýerlerine barýan beýleki suwlary hasaba almak üçin, şeýle hem suw obýektlerine gelýän hapalaýjy maddalaryň möçberini hasaba almak üçin niýetlenilýär.

5.2.Birnäçe hapa suw kabul edijiler bar bolsa, olaryň her biriniň ady we oňa degişli suw sowuşy häsiýetlendirýän ähli maglumatlar aýratyn setirde görkezilýär.

2 bölümiň sütünlerinde olary belgilemek tertibinde aşakdakylar görkezilýär:

5.3. A sütünde deňizleriň, derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň, kanallaryň, ýerasty gatlaklaryň we suw guýlan we (ýa-da) suw sowlan beýleki kabul edijileriň ady görkezilýär.

5.4. B sütünde hapa suwlaryň we beýleki suwlaryň kabul edijisiniň görnüşi 3.4.b. laýyklykda goýulýar.

5.5. Ç sütünde suw guýulýan ýa-da howdanynda suw obýektleri bilen göniden-göni baglanyşykly bolmadyk kabul edijilere suw sowmak amala aşyrylýan suw obýektleriniň kody (jarlar, käller we ýer relýefiniň beýleki ýerleri) 3.4.b. laýyklykda görkezilýär.

5.6. D sütünde suw obýektlerine düşen suwuň ýa-da beýleki kabul edijilere sowlan suwuň hiliniň kategoriýasynyň kody 3.5.b. boýunça kesgitlenilýär.

5.7. 1-nji sütünde suw akymynyň guýýan ýerinden oňa hapa suwlaryň guýulýan ýerine çenli aralyk, hapa suwlar guýlanda ýerasty gatlakalara, suwarymly meýdanlara, şol ýeriň relýefine çenli aralyk.

- sorujy skwažina (guýa) iň golaý ýerdäki derýanyň guýýan ýerinden kesişýän ýerine çenli aralyk we ş.m. Zeýkeş suwlary magistral kanallara guýlanda kanalyň başyndan oňa hapa suwlaryň guýulýan ýerine çenli aralyk görkezilýär.

5.8. 2-nji sütünde suw obýektlerine (ýer üsti we ýerasty), suwarymly meýdanlara, şol ýeriň relýefine suw sowluşynyň hakyky möçberleri görkezilýär.

5.9. 3-4-nji sütünlerde arassalanman ýer üsti suw obýektlerine düşen (3-nji sütün) ýa-da ýeterlikli arassalanmadyk (4-nji sütün) we tassyklanan mümkin bolan çäklerinden (РДS) ýokary möçberdäki hapalaýjy maddalary özünde saklaýan hapa suwlaryň (şol sanda, şahta, çeşme, gatlak, zeýkeş suwlary) möçberi görkezilýär.

5.10. 5-nji sütünde kada görä arassa hapa suwlaryň möçberi görkezilýär. Olara arassalanman suw obýektlerine sowulmagy gözegçilik edilýän ýa-da suwdan peýdalanylýan nokatda suwuň arassalyk kadasynyň we hiliniň bozulmagyna getirmeýän hapa suwlar degişli.

5.11. 6, 7, 8-nji sütünlerde degişli arassalaýjy desgalarda kada görä arassalanan hapa suwlaryň möçberi görkezilýär.

Kada görä arassalanan hapa suwlara berilýän hapa suwlaryň düzümine laýyk gelýän desgalarda arassalaýyşdan geçen we arassalanandan soň suw obýektlerine sowulmagy gözegçilik edilýän stworda ýa-da suwdan peýdalanýan nokatda suwuň hiliniň bozulmagyna getirmeýän hapa suwlar degişli, ýagny bu hapa suwlarda hapalaýjy maddalaryň bolmagy tassyklanan (PDS) laýyk gelmeli.

Mehaniki, fiziko-himiki we biologik arassalaýjy desgalarda yzygiderli arassalanan hapa suwlaryň möçberi arassalanmanyň ahyrky basgançagynda 6, 7-nji ýa-da 8-nji sütünleriň birinde bir gezek görkezilýär. Eger biologik arassalaýyşdan geçen hapa suwlar goşmaça desgalarda (biologik howdanlarda, dürli gurluşly filtrlerde) doly arassalanýan bolsa, olaryň görnüşi boýunça häsiýetnamasy biologik arassalaýyş desgalary boýunça kabul edilýär. Şeýle suwlaryň möçberi 6 sütünde görkezilýär.

Hapa suwlaryň “hapalanan”, “kada görä arassalanan” suwlara degişli edilmegi Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Bellik: 3-8-nji sütünler diňe hapa suwlar tebigy obýektlere sowlanda doldurylýar. Hapa suwlar relýefe sowlanda, şeýle hem tranzit suwlar sowlanda görkezilen sütünlerde kese çyzyk goýulýar.

5.12. 9-12-nji sütünlerde kisloroda bolan biohimiki ýa-da himiki zerurlyk, şeýle hem tebigy suw obýektlerine düşýän hapa suwlarda hapalaýjy maddalaryň möçberi görkezilýär.

5.13. 13-19-njy sütünlerde hasabat berýän suwdan peýdalanyjy üçin has häsiýetli bolan, 9-12-nji sütünlerde görkezilmedik hapalaýjy maddalaryň möçberi görkezilýär. Bu maddalary kodlamak 3.7.b. boýunça amala aşyrylýar.

5.14. Hapalaýjy maddalaryň möçberi düşýän hapa suwlaryň hilini hasaba alyş kitapçasynyň esasynda amala aşyrylýar (РОД forma = 13). Himiki seljerişleri ýerine ýetirmegiň düzümi we döwürleýinligi, şeýle hem hasaplamagyň usullary Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýerli edaralary tarapyndan bellenilýär. Hapalaýjy maddalar hasaba alnanda diňe olaryň suwdan peýdalanylmagy netijesinde suw obýektine gelen möçberi görkezilýär (düşýän suwdaky hapalaýjy maddalaryň umumy möçberi şol suw obýektinden alnan suwdaky şol maddalaryň möçberine görä azalýar).

## 3 BÖLÜM.
## GOŞMAÇA GÖRKEZIJILER

6.1. 3-nji bölüm suwdan peýdalanylyşynyň 1-nji we 2-nji bölümlerde göz öňünde tutulmadyk goşmaça görkezijilerini hasaba almak üçin niýetlenilýär. 3-nji bölümiň käbir setirlerinde olaryň belgilenme tertibinde görkezilýär;

6.2. 31-nji setirde aýlawly suw üpjünçiligi ulgamlarynda bir ýylda hakyky harçlanan suw görkezilýär. Aýlawly ulgamlarda goşmaça suw üçin ulgama gelýän arassa suwuň möçberini aýyrmak bilen kesgitlenilýär.

Aýlawly suw üpjünçiligi ulgamlaryna ulgam bolmadyk ýagdaýynda zerur bolan aýlanýan suwuň harçlanmagy bilen suwuň jemi möçberi kemelýän ulgamy, ýagny hasabat döwründe aýlawly ulgamdan peýdalanmagyň hasabyna tygşytlanan suwuň möçberi degişli.

Suwuň aýlawly peýdalanylýan ulgamyna işlenen suwy sowatmak ýa-da saklamak (ýygnamak) üçin Türkmenistanyň işlenen suwy sowatmak ýa-da saklamak (ýygnamak) üçin ýeke-täk döwlet suw gaznasynyň obýektlerinden (derýalar, kanallar, köller, hanaly suw howdanlary) peýdalanylýan suw üpjünçiligi ulgamy degişli däl. Guýlup doldurylýan suw howdanlary, sowadyjy howuzlar we işlenen suwlary sowatmak üçin ýörite aýratynlaşdyrylan peýdalanyşa berlen beýleki suw obýektleri muňa goşulmaýar.

Aýlawly suw üpjünçiliginiň möçberine ýylylyk üpjünçiligi ulgamlarynda aýlanýan suwuň harajatlary degişli däl. 1 bölümde diňe bu ulgama goşmaça gelýän suwuň möçberi hasaba alynýar.

6.3. 32-nji setirde hasabat berýän suwdan peýdalanyjynyň gaýtadan suw üpjünçiligi ulgamlarynda bir ýylda jemi (hakyky) harçlanany görkezilýär.

Şol bir suw bir kärhananyň birnäçe sehinde (gurluşynda) gaýtadan peýdalanylanda onuň harajatlary birinji, ikinji we beýleki sarp edijilere berilýän nokatlarynda ölçelýär, hasabatda bolsa bu harajatlaryň jemi görkezilýär.

Suwy gaýtadan (yzygiderli) peýdalanýan obýektlere 20 şaly ulgamyndan we zeýakaba-zeýkeş suwlaryndan guýlan suwlardan peýdalanylmagy degişli. Muňa balyk hojalygynda balyk ösdürip ýetişdirmek üçin ýörite howuzlara (gaplara) yzygiderli geçirilýän we peýdalanylýan suwuň möçberi hem degişli. Peýdaly magdanlar bilen ugurdaş ýygnanan, gatlagyň basyşyny saklamak üçin peýdalanandan soň yzyna nasoslap guýlan gatlak suwy gaýtadan peýdalanylan suw diýlip hasaplanylýar. Peýdalanylan hapa, şahta, gatlak, zeýakaba-zeýkeş suwlarynyň möçberi we peýdalanandan soň beýleki suwdan peýdalanyjylardan alynýan suwuň möçberi 3-nji bölümiň 32-nji setirinde goýulmaýar we 1-nji bölümde hasaba alynmaýar.

6.4. 33-nji setirde arassalaýjy desgalaryň işe girizilmeginiň, önümçiligiň tehnologiýasynyň kämilleşdirilmeginiň (suwdan ýerlikli peýdalanylmagy, aýlawly we yzygiderli suw üpjünçiligi ulgamynyň ornaşdyrylmagy) hasabyna hapa suwlaryň guýulmagyny kemeltmek we beýlekiler görkezilýär. Geçen ýyl üçin hapa suwlaryň guýlan möçberiniň hasabat ýylyndaky möçberi bilen tapawudy hökmünde kesgitlenilýär. Hapa suwlaryň guýulmagynyň artmagyna ýol berlen bolsa, onda çyzyk goýulýar.

6.5. 34-nji setirde kärhanada (guramada) işiň senenama günleriniň sany; suwaryş ulgamlary üçin – suw ýygnaýjy (guýujy) desgalaryň işiniň senenama günleriniň sany görkezilýär.

6.6. 35-nji setirde kärhananyň (suw ýygnalyşy, goýberlişi) 36 setirde görkezilen gije-gündizde işlän sagadynyň möçberi görkezilýär.

6.7. 36-njy setirde ýylyň ahyryna arassalaýyşdan soň hapa suwlary suw obýektlerine guýýan hasabat berýän suwdan peýdalanyjynyň arassalaýjy desgalarynyň taslama kuwwatlygy görkezilýär. Arassalaýjy desgalarynyň suw taýýarlaýyşa, aýlawly yzygiderli we jemagat suw üpjünçiligi ulgamlarynyň, şeýle hem olardan soň hapa suw ahyrky arassalaýjy desgalara düşýän deslapky lokal arassalaýjy desgalaryň kuwwatlygy hasaba alynmaýar.

6.8. 38-nji setirde – olardan soň hapa suwlar suwarymly meýdanlara, toplaýjylara, şol ýeriň relýefine sowulýan, şeýle hem arassalaýyşyň ahyrky basgançagyndan soň peýdalanmak üçin beýleki kärhanalara we guramalara geçirilýän arassalaýjy desgalaryň ýylyň ahyryna kuwwatlygy görkezilýär.

## GOŞUNDY
## SUWDAN PEÝDALANYJYLARYŇ №1-suw FORMA BOÝUNÇA SUWDAN PEÝDALANANDYGY BARADA DÖWLET HASABATY BILEN GURŞALYP ALNYŞYNYŇ ÖLÇEGLERI

Bu ölçegler Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, döwlet statistika edaralary, suwdan peýdalanylyşyny hasaba almak garamagynda bolan Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi, "Türkmengeologiýa" DK we ýerli edaralary üçin suwdan peýdalanylyşyna we goramaklyga

gözegçilik etmegi we hasaba almaklygy amala aşyrýan beýleki gyzyklanma bildirýän edaralar üçin hökmany bolup durýar.

Suwuň peýdalanylyşy we döwlet tarapyndan hasaba alnyşy barada Gollanma laýyklykda suwdan peýdalanylyşy döwlet tarapyndan hasaba almaga degişli bolan kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň sanawy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti bilen, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň ýerli edaralary, "Türkmengeologiýa"DK bilen ylalaşyp, suwdan peýdalanylyşyny hasaba almak garamagynda bolan Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti edaralary tarapyndan kesgitlenilýär.

№1-suw forma boýunça hasabat bermeli kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň sanawy düzülende şu ölçeglere gollanmaly.

1. Hasaba alnyş bilen aşakdakylar gurşalyp alynýar:

1.1. Hapa suwlaryň gönüden-göni ýer üstü, ýerasty suw obýektlerine, şeýle hem ýata çukurlara, bugardyjylara, toplaýjylara, ЗПО, filtrasiýa meýdanyna suwuň guýulmagyny amala aşyrýan ähli suwdan peýdalanyjylar (guýulýan, ýygnanýan suwuň möçberlerine garamazdan) we beýlekiler;

1.2. Tebigy suw obýektlerinden gije-gündizde 50 m$^3$ we ondan köp suw ýygnaýan ähli suwdan peýdalanyjylar (oba hojalyk obýektlerini goşmazdan). Has ownuk suwdan peýdalanyjylaryň hasaba alnyş bilen gurşalyp alnyşy ýerli şertlerden ugur alyp, ygtybarly gözegçiligi üpjün etmek mümkinçiligini we №1-suw forma boýunça hasabatlaryň öz wagtynda işlenilmegini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň suwdan peýdalanylyşyny hasaba almaklygy amala aşyrýan edaralary tarapyndan çözülýär. Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň edaralary kabul edilen çözgüt barada suwdan peýdalanyja we ondan ýokarda durýan gurama habar berýärler.

1.3. Senagat, gurluşyk we ulag kärhanalary (guramalary), şeýle hem söwda, ilata iýmit taýýarlaýan, ilata durmuş hyzmatlary obýektleri we suwy jemagat (edara) suw geçirijisinden ýa-da beýleki suw hojalyk ulgamlaryndan alýan we hapa suwlary jemagat (edara) lagym ulgamyna geçirýän beýleki guramalar (oba hojalyk obýektlerini goşmazdan) olar tarapyndan gije-gündizde 300 m$^3$ we ondan gowrak suw ýygnanda, şeýle hem ýygnanan suwuň möçberine garamazdan, umumy kuwwatlygy 5000 м$^3$ bolan aýlawly suw üpjünçilik ulgamy bolan suwdan peýdalanyjylar görkezilýär.

Jemagat (edara) suw geçirijileri (lagymlary) №1-suw forma boýunça hasabatlarda bu obýektlere arassa suwuň degişli möçberleriniň geçirilişini we (ýa-da) olardan kabul edilýän hapa suwuň möçberlerini görkezýärler:

1.4. Suwaryş ulgamynyň edarlaryndan (müdirliklerinden) suw ýygnaýan, şeýle hem toparlaýyn suw geçirijilerden ýygnaýan we olar tarapyndan gije-gündizde 150 m$^3$ we ondan köp suw ýygnananda hususy suw ýygnaýjysy bolan oba hojalyk kärhanalary we guramalary görkezilýär.

Suwaryş ulgamynyň müdirlikleri (SUM) №1-suw forma boýunça hasabatlarda bu suwdan peýdalanyjylara geçirilýän arassa suwuň möçberini, şeýle hem olardan alynýan zeýakaba-zeýkeş suwlarynyň möçberini görkezýärler.

2. Hapa suwlaryň kada görä arassalanan we kada görä arassa hapa suwuň toparyndan hapalanan ýa-da ýeterlik arassalanmadyk suwuň toparyna geçirmek Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi hakynda Gollanma laýyklykda Ministriň tebigaty goramak meselesine jogap berýän orunbasary bolup durýan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi boýunça baş döwlet inspektory tarapyndan amala aşyrylýar.

**Durmuş hasabaty müdirligi**